# Kakamyrat Ataýewiň döredijiligi hakda kelam agyz

Category: Edebiýaty öwreniş,Hekaýalar,Kitapcy,Powestler,Psihologiýa,Romanlar,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 24 января, 2025
Kakamyrat Ataýewiň döredijiligi hakda kelam agyz KAKAMYRAT ATAÝEWIŇ DÖREDIJILIGI HAKDA KELAM AGYZ




*Kakamyrat Ataýew*
Kakamyrat aganyň (Kakamyrat Ataýewiň) eserlerini ("Palta", "Derdeser", "Gonambaşy", "Ejemiň aglan güni", "Owadan gyzyň maňlaýy" we ş.m.) gyzyklanyp okaýaryn. Ýaşuly romanlaryny

minimalizm stilinde ýazýar. Gyzykly, durmuşy, personažlaryň psihologiýasy real durmuşa-da, eseriň strukturasyna-da, sýužet liniýasyna-da doly laýyk gelýär.
Güýçli ýazyjy.
Hormatym uly.
“Ýaş galamdaşlaryma” atly öwüt-nesihat äheňinde ýazylan çaklaňja oýlanmasynyň ýetirýän täsirinden ýaşulynyň söze çeperliginiň derejesine göz ýetirmek bolýar.
Äý hawa-da, Mary ili adamzat siwilizasiýasy döräpdir – hemişe-de danalaryň, meddahlaryň, suhangöýleriň, şahyrlaryň, alymlaryň hem beýikleriň mekany bolupdyr. Onsoň ol ýeriniň topragam, howasam ynsan aňyna güýçli täsir edýän bolmaly.
Äý, onsoňam, galyberse-de türkmen topragynyň her bir bölejigindenem asyrlaryň jadyly ysy gelip dur-la. Niräňe seretseň, gadymylyk, danalyk, goýazylyk…

***

Kakamyrat Ataýewiň kitapcy.com saýtynda, ine şu salgyda: http://kitapcy.com/news/2020-09-25-12375 goýlan “Heläkçilik” atly hekaýasy güýçli eser bolupdyr.
Gurbannazar şahyr, megerem, “ynam = many” diýip, bu ýalançyny manyly edýän zadynyň ynamdygyny aýtjak bolan bolaýmasa…
Birje bellik: hekaýada “baklažka” – “ýelim çüýşe” diýilmän, “düpbe” diýlen bolsa jaý ýerine düşse gerek. Sebäbi birinjiden-ä iki söze derek bir söz ýazyp bolýar, ikinjidenem “çüýşe” diýilse, aňyňda aýnadan gap bilen assosirlenýär, üçünjiden “düpbe” diýlende, nämäniň göz öňünde tutulýandygyna aglaba köp kişi bada-bat düşünýär. Elbetde “düpbe” sözi türkmen diliniň akademiki sözlüginde ýok. Ýöne ene dilimiziň käbir ýerli şiwelerinde bu söz “baklažkany” we mytarapisint beýleki suw gaplaryny aňlatmak üçin ulanylýar.
Çyn hekaýalaryň her birinde bolşy ýaly, bu hekaýada-da gizlin-u-açyk manylar köp we olaryň her birem köpugurly…
Orazguly aga (Orazguly Annaýew) bir gezek: “Şygyr hakyky bolanda, okyjylar şahyra özüne onuň näme ýazandygyny düşündirip başlaýarlar. Diňe şondan soň şahyr özüniň näme

hakda ýazandygyna doly akyl ýetirýär” diýipdi. Hekaýalaram hakyky bolanda şeýle bolýarmyka diýýärin.
“Synag dünýäsi” diýilýäni-dä.
Dünýä ynsany hatda ajaly kabul edişiniň mynasyplygy-dälligi bilenem synap görýär.
Megerem, dünýäniň ýaradylmagynyň baş maksatlarynyň birem – synag we şondan mynasyp geçmäge gaýraty çatýanlary saýlamakdyr…
Megerem, ýazýan adamlar ýaşy gitdigiçe dünýäniň düýp manysyny gözlemäge köpräk ýykgyn edýän bolara çemeli. Bu hekaýada-da dünýaniň, ynsan ömrüniň manysy has çuňdan dörjelenýär. Gurbannazar şahyryň: “Ýaşanyňa juda degýä bu dünýä” diýşi ýaly, “Okanyňa juda degýä bu hekaýa”.

***

Kakamyrat Ataýewiň “Näsag” atly hekaýasynda gözüne gara görünýän we gara bilen gepleşýän näsag ýigit hakynda gürrüň berilýär. Şol hekaýada näsaga “ruhy keselli (däli)” diýen kesel kesgitlemesini (diagnozy) psihoterapewt lukmanyň goýandygy ýazylýar. Bu hekaýada ýol berlen säwlik bolup durýar. Çünki, ruhy bozulma hakynda diagnozy (kesel kesgitlemesini) psihoterapewt lukman goýmaýar. Ol, eger-de syrkawda şeýle keseliň alamatlarynyň bardygyny ýüze çykaryp, onuň ruhy taýdan kesellidigine şübhelense, ony psihiatr lukmanyň ýanyna ýollaýar. Şol hem näsagyň ruhy taýdan kesellidigini ýa-da däldigini gutarnykly kesgitleýär we onuň ruhy keseliniň görnüşini kesgitleýär (diagnoz goýýar).
Ruhy taýdan näsagy ýatymlaýyn bejerişe (ambulator däl-de stasionar bejerişe) ýerleşdirmek meselesinem diňe psihiatr, adatça bolsa, psihiatrlaryň we ugurdaş lukmanlaryň konsiliumy (topary) çözýär.
Psihoterapewt bolsa, adatça, newroz, ukusyzlyk, stress, dowla düşmek ýaly ýeňil-ýelpaý beýni-ruhy bozulmalaryny kesgitlemek, bejermek ýa-da bejermäge ýardam bermek bilen meşgullanýar.
Elbetde, hekaýa gowy, manyly. Her bir ýazylan zatda-da durmuşyň uşak-düşek jikme-jikliklerinem doly beýan etmek

mümkinçiligem bolmaýar.
Anyk ýadyma düşmeýär welin, meşhur psihiatrlaryň birine: “Adam kim?” diýip sowal berenlerinde ol: “Adam – dälilik bilen sersaglygyň arasynda üznüksiz leňňer atýan, pursatsaýyn agyp-dönüp duran jandar!” diýip jogap beripdir. Şonuň üçinem, ruhy taýdan näsaglaryň çensiz-çaksyz sersaglyk pursatlarynyň bolşy ýaly, doly sersag adamlaryňam dälilik pursatlary bolýarmyka diýýärin. Äý onsoňam, barlag geçirilende hiç kimem “doly sersag” diýen diagnoza mynasyp bolmazmyka diýýärin☻.

***

Kitapcy.com saýtynda Juma Hudaýguly bilen Kakamyrat Ataýewiň kyssasy barada näme pikir edýändigimi soradylar. Şol sowala-da şu aşakdaky jogaby ýazdym:
«Soragyňa taňryýalkasyn, @Hyýalkeş! Soňky ýyllar munuň ýaly sowal berýän adamam, “proza-sroza” ýaly kisäňe manat düşürmeýän “boggusyz” zatlar bilen gyzyklanýan adamlar ýok diýen ýaly. Diňe şu saýtda we galamdaş-da, onsoňam Hydyr we Ylýas Amangeldi agalaryň ekizler.com saýtlarynda çyny bilen okajak bolýanlaryň bardygyny görýärdim. Dogrusy, meşgullanýan pişäň, has takygy mümkin boldugyndan özüňi siňdirip ýazýan zatlaryň aglaba köpçülig-ä däl, hatda seýrek azlyga-da gerek dälligi gynandyrýardy.
Soragyň barada aýdanymda bolsa, men bu iki halypanyň kyssasyny çintgäp derňäp oturmaýyn. Ikisi barada-da aýdara öwgüli sözlerimem, hemme okyjyda bolşy ýaly, olaryň döredijiliginde göwnümden turmaýan ýerlerem, “Häk, şu taýyn-a şeýden bolsa, woobçe-de ot duşi boljak eken-aýt!” diýdirýänskiý ýerlerem bar. Esasy zat, bu iki halypanyň umumy edýän, eden işleri barada gysgajyk pikirimi aýdaýyn:

1. Juma aga (Juma Hudaýguly) – biçak köp zähmet çeken adam. Şonuň şeýledigini şu saýt açylanda hasam gowy bildim. Ençeme romanlar, powestler, hekaýalar. Şonuň üçinem, özüm hem şu “ýazuw-pozuw” diýilýän zadyň “işiginden” yşyklap ýörendigim sebäpli, ýazmak zähmetiniň näderejede agyrdygyna azak-tenek düşünip, halypanyň zähmetsöýerligine hormatym juda uly.

Onsoňam, Juma aga öz eserlerini ýazanda liriki proza – ýagny, duýga ýugrulan kyssa bilen ýazýar. Onuň eserlerindäki realizm (öz döwrüne degişlilikde) – liriki realizm. Keşpleri sünnäläp çekýär. Dili ýeňil hem gyzykly okalýar. Şol bir wagtda-da waka ynandyryjylyk çaýýan real detallaram gysganman seçeleýär. Iň esasy zadam, Juma aganyň ýumoristik hekaýas-a hakykatdan ýumoristik, tragediýasam tragediýa. Mysal üçin, “birneme güleýin” diýseň Juma Hudaýgulyň “Jeňňi janköýer”, “Aňyrsy nireden?” atly hekaýalaryny okamagy maslahat berýärin. Geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň özboluşly atmosferasyny syzaýyn diýseň, “Garawulhanadaky gürrüňçilikler”, “Şahyjahan” atly powestlerini okamagy maslahat berýärin. Juma aganyň iň tragiki hekaýalary bolsa, meniň pikirimçe, “Keteni” hem-de “Açlyk ýyly” bolaýmasa (Ýöne dogrusy, şu soňky “Açlyk ýylynyň” adynyň hakykatdanam “Açlyk ýylydygyny” ýa-da däldigini bilmeýärin. Ýöne, men okanymdan soň şol hekaýanyň ady meniň hakydamda şeýle bolup galypdyr);

2. Kakamyrat aganyň (Kakamyrat Ataýewiň) kyssasyny, men özümçe “tygşytly proza” ýa-da “ussanyň kyssasy” diýip atlandyrýaryn. Çünki, Kakamyrat halypa, öz eserlerinde sözleri juda tygşytly ulanmaga ýykgyn edýär. Buýtar-suýtara orun ýok, beýan edýän, şekillendirýän sýužetiniň gös-göni liniýasyny mümkin boldugyndan göni alyp gitmäge çalyşýar. Sözlemlerini duýga ýugurjak bolman, adatça, dürs ýazuwyň düzgünlerine görä, dogry düzmäge çalyşýar. Eserleriniň aglaba köpüsinde aýtjak bolýan pikirini waka, gahrymanlaryň keşplerine duwlaýar. Şonuň üçinem okap bolanyňdan soň: “Bäh, şü ýerde halypa näme diýjek bolduka? Haýsy pikiri haýsy duýgyny okyjyň aňynda, göwnünde oýarjak bolduka?” diýdirýär. Meniň pikirimçe, birnäçe onýyllyklardan soň Kakamyrat aganyň eserleri döwrüň ýüz-keşbini synlamak üçin aýna bolup hyzmat etjek eserleriň hataryna girermikä diýýärin.
Bu iki halypanyň ýazýan eserleriniň kemçilikleri we artykmaçlyklary barada aýdylanda bolsa, olaryň her bir eserini aýratynlykda çintgäp seljermeli. Çünki: “Pylanynyň umumy hemme hekaýasynyň on dörtlük bolty gowşak ekeni” ýa-da “Pylanynyň

tutuş prozasynyň gapdalyndan äberilýän çaý çemçesi zolingeniň önümi dä ekeni” diýip, umumylaşdyryjy baha keser ýaly, “çeper eser” diýilýän närse, zawodlardan millionlap nusgada çykýan önüm däl-dä!
Her bir “eser” adyna mynasyp eser – indiwidual häsiýetli bolup ýatyr-da.
Ýöne, okamak bilen çyndan meşgullanýan islendik okyja, özüm-ä hökmän Kömek aganyň (Kömek Kulyýewiň) eserlerini okamagy maslahat berýärin. Ine nirede, iniňi tikenekllediji liriki realizm bar.».

***

Jan – Hakyň ynsana bagyş eden iň gözel peşgeşi we isrip-har etmän wagtlaýyn ulanmaga beren amanady. Hakyň maňlaýyňa ýazan ýazgydyndaky nämedir bir zada döz gelmän ýa-da öňüňde açyp goýan milliardlarça ýollarynyň birini ýöremek üçin saýlap alyp bilmän, Kadyr Rahmanyň uzadan serpaýyny gadyrbilmezlik bilen yzyna zyňmagyň ynsanlar tarapyndan berilýän jogabyny Kakamyrat aga (Kakamyrat Ataýew) juda ýerine düşen, ussat çeperçilik bilen “Ýüp” hekaýasynda beripdir.
Häzire çenli Kakamyrat aganyň (Kakamyrat Ataýewiň) eserlerinden okanlarymyň içinden iň şowly ilkinji jümle “Ýüp” hekaýasyndaky: “Keşde çekilip, gaýma gaýalýan, kiriş ýaly sapak däl bi.” diýip hasaplaýaryn. Hasam bu “ilkinji jümläni” hekaýanyň ady bilen berk baglanyşdyryp okanyňda.
Gysgajyk, manydan dym-dykyz we pynhan manyly.
“Keşde çekip, gaýma gaýamak” – bu durmuş, dirilik, özem ynsanyň mahsuslygy – öz ýaşaýan dünýäsiniň Alla tarapyn ýaradylan gözelligine-de kaýyl bolman, ony öz göz öňüne getirişine hem-de mümkinçiliklerine görä, başardygyndan “nepisleşdirmäge” bolan çensiz-çaksyz ymtylyşyny aňladýar.
Giňişleýin seretseň, sungatam (şol sanda ýazyjy-şahyrçylygam) şeýle “keşde çekip, gaýma gaýamagyň” bir görnüşi, ýagny “durmuş tukat, çalreňk” diýmek ony çeper hyýalyň kömegi bilen “bezemeli”, “gyzykdyrmaly”.
Şol bir wagtda-da “ýüpem” “keşde çekip gaýma gaýalýan sapak”

bolmasa-da, olam ynsan tarapyndan gowulyk üçin oýlanyp tapylan bir zadam bolsa, ol ölüme, özem adamyň zanny-tebigatyna garşy zat bolan öz-özüne kast etmek arkaly amala aşyrylýan tersalygy berjaý kylmak üçin ulanylýar.
Ýüp betbagtmy ýa-da ony tersalyga ýaratjak bolýan?
Şol bir wagtda-da eser süýji dil bilen gyzykly bir adaty durmuşy wakanam gürrüň berýän ýaly…
Ýöne hakyky eserleriň gymmatlygam şunuň ýaly köpgatly, köpgyraňlygyndamyka diýýärin.

***

“Ikiň öwgüsi birin azdyrar” diýilýär. Kakamyrat Ataýewiň kitapcy.com saýtynda goýlan “Ýaş galamdaşlaryma” atly, ýaş şahyrlara boş öwgülere maýyl bolup, öz döredijiliklerine ýeňles garamazlyga ündeýän makalasy gaty dogry ýazylypdyr. Döredijiligiň islendik görnüşi bilen meşgullanýan adamyň iň esasy hem iň zabun tankytçysam, kazysam ilki bilen onuň özünde bolmalymyka diýýärin. Elbetde Gurbannazar şahyrymyz: “Sen özüňden näçe närazy bolsaň, il senden şonça-da razydyr-razy” diýibem ýazypdyr. Emma, bu hem gaty bir beýlede däl.
Närazylyk meselesinde-de, razylyk meselesinde-de, adamy öz duýgusy gaty oňat aldap bilýär. Ýöne, içki tankytçysynyň iňňän sak, talapkär, zabun hem-de kanatlanma duýgusyna syrnyh bolmagy her niçigem bolsa ýazýan adamy üznüksiz zähmet çekmäge, öz-özüniň zergärine öwrülip, öz-özüni ýonmaga mejbur edýär.
Ýöne, şonuň bilen birlikde Maksim Gorkiýniň: “Поэту нужна большая ласка” diýen sözlerinem unutmaly däl. Ata-babalarymyzyň bolsa: “Ýamana ýaman diýseň göwni galarmyş” diýen aýtgysy bilen birlikde “Ýagşa ýagşy diýmeseň göwni galarmyş” diýen aýtgysam bar.
Umuman, bu meselede-de çürt-kesiklik gerek dälmikä diýýärin.
Kriminologiýa ylmynda her bir jenaýatçynyň şahsyýetine indiwidual çemeleşme bolmalydygy nygtalyşy ýaly, her bir ýazýanyň döredijiligine-de indiwidual çemeleşme bolmagy dogry boljak.

Aslynda-da, döredijilik ýaly efemer zatlar babatda “2+2=4” diýen ýaly uniwersal netijeleri işläp düzmek mümkin dälmikä diýýärin. Edebiýaty öwreniş